Halk umman ýaly giň. Ol özünde ümmülmez hazynany jemleýär. Has çuňluklardan gaýdyp, döwürleri aşyp gelýän halkyň döreden eserleri bolsa, şu günlerimize çenli öz gymmatyny ýitirmän, kämilleşip biziň durmuşymyza, nesillerimiziň terbiýesine öz oňyn täsirini ýetirip gelýär.

Türkmen zenanlarynyň döredýän islendik el işini alanymyzda, bir hakykata göz ýetirmek bolýar. Ýürek mähri siňdirilip yhlas bilen edilen işleriň deňsiz-taýsyz gözellige, gaýtalanmajak sungat eserine deňelmegi ýöne ýere däl diýdirýär. Türkmen gelin-gyzlaryna baha berjek bolsaň, olaryň elinden çykan işlerini, keşdedir nagyşlaryny synlaýmalydyr. Eli hünärli gyzlar il içinde aýratyn hormata eýe bolupdyr. Keşde çekip, gaýma gaýap, milli egin-eşikleri bezeýän gelin-gyzlaryň zähmetine «Iňňe bilen guýy gazan ýaly» diýilmeginiň özem bu işiň sabyr-kanagatlylygy talap edýändigini aňladýar. El işleriniň birnäçe görnüşleri bolup, alaja hem olaryň biridir. Alaja inçe hem nepis iş. «Alaja aladyryn, nagyşa läledirin» diýlişi ýaly, alaja salnan islendik nagşyň gözelligini has artdyrýar. Şonuň üçin el işlerini alajasyz göz öňüne getirmek mümkin däl. Halk arasynda alajanyň ruhy güýjüniň bardygyna ynanypdyr. Halkymyz ony gözden-dilden goraýjy hökmünde ulanypdyr. Bu barada Gahryman Arkadagymyz «Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi» atly eserinde: «Biziň halkymyzda dagdan, düýe ýüňi, alaja ýaly zatlar ýakymsyz täsirlerden, gözden-dilden goraglylygy aňladýar» diýip belleýär. Milli lybaslara, el işlerine, haly-palaslara aýratyn öwüşgin çaýýan alajanyň ak bilen gara sapaklardan işilmegine, örülmegine halkymyzda gije bilen gündiziň sazlaşygynyň beýany hökmünde garalýar.

Gahryman Arkadagymyzyň käbesi Ogulabat eje manyly ömründe nesil terbiýesi bilen birlikde «Eden işi nusgalyk, sözlän sözi güwälik» diýilýän zenanlaryň hatarynda bolup, milli el işlerini çeperlik bilen ýerine ýetirip, türkmen gyz-gelinlerine terbiýe mekdebidigini bellemek gerek. Mähriban enäniň 2021-nji ýylyň ýazynda Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýine gowşurylan gelin kürtesini görenimizde-de muňa aýdyň göz ýetirýäris. Eli çeper zenanyň baldyzy üçin ýigrimi günde bejeren kürtesi bu gün muzeýiň gymmatlyklarynyň naýbaşylarynyň biridir. Ine, ýakynda bolsa Türkmenistanyň at gazanan halyçysy Ogulgerek Berdimuhamedowanyň mähriban gaýynenesiniň ören alajasyny iş guraly bilen Döwlet muzeýine gowşurmagy gelin kürtesiniň, gülli jorabyň üstüni ýetirmek bilen, milli mirasyň gymmatyny has-da artdyrdy. Elbetde, bu paýhasly edilen iş ýerine-de düşdi. Enäniň el işleriniň bir ýerde jemlenmeginde sazlaşyk, gözellik hem bar.

Ajaýyp döwrümizde taryhy asyrlaryň jümmüşinden gaýdýan halkymyzyň gymmatly mirasyny dikeltmek, gorap saklamak we geljekki nesillere ýetirmek, milli medeniýetimizi hem-de sungatymyzy yzygiderli ösdürmek babatda uly işler durmuşa geçirilýär. Bu bolsa, türkmen zenanlarynyň döreden gözelliklerini, şol nepislikleri gorap saklap, sarpalap, şeýle asylly ýörelgeleri geljekki nesillere geçirmeklige uly itergi berýär. Milli ruhy-medeni

Все права защищены

gymmatlyklara sarpaly garamagyň, olary dünýä ýaýmagyň, geljekki nesiller üçin aýawly saklamagyň göreldesini görkezýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň saýasynda Watanymyzyň şan-şöhraty dünýä dolsun! Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, döwletli tutumlary hemişe rowaç bolsun!

**Altynaý REJEBOWA**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň talyby**

Все права защищены